TÜRKMENISTAN 02.06.2003

Sergi zallarynda

# ÝURT BILEN TANYŞDYRÝAN ESERLER

***Hatyja hanym—türk zenany. Ony indi diňe bir dogduk diýary Türkiýede däl, eýsem dünýäniň Awstraliýa, Päkistan, Gresiýa, Germaniýa ýaly ýurtlarynda hem tanaýarlar. Onuň ýiti zehini, eliniň ussatlygy bilen döräN sungat eserleri bu atlary agzalanlardan başga döwletlerde hem bolup geldi. Başgaça aýdanyňda, bu suratkeş zenanyň zehini bilen dörän sungat eserleri ýer togalagynyň daşyna aýlaw etdi diýäýseň hem boljak.***

Ynha, indi onuň eserleri güneşli Diýarymyzda aýlanyp ýör. Has anyklap aýdanyňda, Türkiýäniň meşhur suratkeşi Hatyja Kumbarajy Gürsözüň döreden eserleri Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli muzeýiniň sergi zallarynyň birinde sungat muşdaklaryna görkezildi.

Suratkeş zenanyň döreden eserlerini synlamaga gelýänleriň yzy üzülenok. Aýratyn bellenilmeli zat hem, olaryň bu ýeri aňsatlyk bilen taşlap gidäýesleri gelenok. Bu ýerdäki eserleri synlamaga gelenler misli jadylanan ýaly. Bu ýönelige däl. Sebäp diýeniňde, ol suratlar onuň dogduk diýarynyň durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşykly. Suratlaryň çekilişiniň sadajalygyndan başga-da ýiti mazmunlylygy bilen seni özüne bendi edýär. Bu bolsa sergini synlamaga gelýänleriň bir topary üçin özboluşly «açyşdyr».

Suratlaryň her birinde kesgitli maksat goýlana meňzeýär. Olaryň biri seni tomus döwrüne äkitse, beýlekisi gyş paslyna äkidýär. Ynha, mysal üçin, awtoryň «Ýaşyl tigir» diýen eserini alyp göreliň. Ol seni ygtyýarsyz çagalyk döwrüne alyp gidýär. Mundan başga-da awtoryň eserlerinden «Gyş-1», «Gyş-2», «Zenan we pişik», «Pişik we aýna», «Gelin», «Balykçy we gyzy», «Pagta meýdanyndan gaýdyp gelmek» we beýleki eserleri sungat muşdaklaryny özüne maýyl edýär.

Suratkeşiň haýsy bir eserini alanyňda-da, goý, ol janly ýa-da jansyz zat hakynda bolsun, tapawudy ýok, onda gaýtalanmaýan özboluşlylyk bar. Awtoryň eserde görkezmek islän zadynyň keşbini örän inçelik bilen yzarlaýşyna haýran galýarsyň.

Eserlerde iň esasy zat, suratkeşiň öz ülkesiniň asuda durmuşy, owadan peýzažy, ynsanyň birek-birege bolan mähirli gatnaşygy bilen dem alýandygy, işleýändigidir. Bu ýagdaýa onuň haýsy eserine ýüzleneniňde-de aýdyň göz ýetirse bolýar.

Geliň, indi Hatyja Kumbarajy Gürsözüň durmuşy hakyndaky käbir maglumatlar bilen tanşalyň. Ol Ystambyl Döwlet çeperçilik we sungat akademiýasynyň ýokary suratçylyk bölüminiň Jemal Tolli atelýesini 1969-njy ýylda tamamlady. Suratkeş Sadi Diren atelýesinde iki ýyl keramika sapaklaryny özleşdirdi. Soňra ol birnäçe wagtyň dowamynda suratçylyk we sungat taryhy mugallymy bolup işledi.

Hatije Kumbarajy Gürsöz Awstraliýada, Päkistanda, Germaniýada we Gresiýada suratçylyk sungatyna degişli barlag işlerini geçirdi, köp sanly sergilere gatnaşdy. Bu sergi suratkeşiň 18-nji şahsy sergisidir. Suratkeş Hatyja Kumbarajy Gürsöz Germaniýada Federal sungatçylar birleşiginiň agzalygyna kabul edildi. Ol Gresiýadaky alyp baran işleri netijesinde 1996-njy ýylda suratçylyk ugry boýunça Abdi Ipekçi Dostluk we Parahatçylyk baýragyna mynasyp boldy. Suratkeş häzirki wagtda Döwlet çeperçilik we sungat akademiýasynyň uçurymlar birleşiginiň Ankara bölüminiň ýolbaşçysydyr.

Suratkeşiň Ankarada döreden eserleriniň bir böleginiň Türkiýede we daşary ýurtlardaky hususy we resmi guramalarda, sungat galereýalarynyň we muzeýleriniň kolleksiýalarynda bardygyny bellemek gerek.

Bu serginiň açylmagynda Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň, Türkiýäniň Türkmenistandaky ilçihanasynyň, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli muzeýiniň uly tagallasy bar.

Görşüňiz ýaly, türkiýeli suratkeş zenan Hatyjanyň döredijiligi diýseň alyslarda şöhlelenýär. Biz bu zenanyň ýene köp ajaýyp eserleri döretmegini arzuw edýäris.



***Nepesdurdy MÄMMEDOW.***

***SURATDA: sergiden bir pursat.***

***Surata düşüren Rejep MUZAPBAROW.***